# SSSR-iñ gorkunç uky synagy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
SSSR-iñ gorkunç uky synagy SSSR-iñ GORKUNÇ UKY SYNAGY



Kyrkynjy ýyllaryñ ahyrynda sowet barlagçylary bäş adamy on bäş günläp demikdiriji gaza tutup, oýa sakladylar. Eksperimentler Ikinji jahan urşunda duşman hasaplanan syýasy tussaglaryñ arasyndan saýlanyp alnypdyr. Olar kislorod derejesiniñ ünsli gözegçilikde saklanýan otagynda saklanypdyr. Kamera sistemalary ýapylypdyr, ýagny olary synlamak üçin diñe mikrofonlar we bäş dýuýmlyk kamera penjiresine meñzeýän gözegçilik aýnasy bolupdyr. Otag kitaplar, düşeksiz krowatlar, suw, şeýle-de bäşisine hem bir aýa ýeterlik azyk bilen doldurylypdyr.

Birinji bäş gün hemme zat garaşylyşy ýaly gidipdir, eksperimentler bilen eger otuz günläp uklaman synag testine çydap bilseler, azatlyga goýberiljekdigi babatda ylalaşyga gelipdiler. Gün yrman olaryñ her bir gymyldy-hereketini we işjeñligini synladylar, wagt geçdigiçe tussaglar geçmişdäki trawmatiki başdan geçirmeleri barada gürrüñ edýändiklerini gördüler. Dört günüñ dowamynda bu ýagdaý gitdigiçe iniñi düýrükdiriji gorkunç ýagdaýa öwrüldi.

Bäş günden soñ şertler boýunça şikaýat etmäge we özlerini dolandyryp oturanlaryñ nirededigini gözlemäge başladylar. Biri-birleri bilen gepleşmegi goýdular, mikrofonlar bilen bir taraply aýnalara pyşyrdaşmaga başladylar. Geñ ýeri, bu synagy beýleki eskperimentleriñ üstünden üstünlikli geçirip biljekdiklerini pikir etdiler. Barlagçylar ilkibaşda munuñ gazyñ ýetirýän täsiridigini çak etdiler.
Dokuz günden soñ ilkinji eksperiment dady-perýat edip gygyrmaga başlady. Üç sagatlap otagyñ içinde zowzuldap ylgady, gygyrdy. Eksperiment sesini goýanokdy, emma onuñ sesi köplenç boş galmagaldan ybaratdy. Eksperiment hiç zat diýmän gygyrýardy. Barlagçylar eksperimentiñ ses geçiriji simleri ýolum-ýolum edendigini gördüler. Iñ täsin ýeri-de beýleki eksperimentleriñ muña nähili garşylyk berýändigi ýa-da bermeýändikleridi. Ikinji eskperimentem gygyrmaga başlapdyr, galanlary bolsa mikrofonlara pyşyrdapdyr. Gykylyk etmedik eksperimentler kitaplary bölekläpdir, sahypalary ýeke-ýeke ýüzlerine ýapyp, ýuwaşlyk bilen gözegçilik aýnasyna ýapyşdyranlarynda perýat sesleri tapba kesilipdir.
Ýene üç gün geçipdir. Içerdäki bäş eksperimentiñ sesi kesilende barlagçylar mikrofonlaryñ işläp-işlemeýändigine gözegçilik edipdir. Mikrofonlarda kemçilik bolmandyr. Otagdaky kislorodyñ derejesi-de hemmesine ýeterlik derejede bolupdyr. Bäş eksperiment agyr maşk edeninde kislorodyñ derejesi peselipdir. On dördünji günde barlagçylar eksperimentlerden ses-üýn çykmansoñ otaga girermen bolupdyr. Olar ölen bolaýmasyn diýip gaýga galypdyrlar. Ýa-da bir tüýsli ösümlikpisint ýaşaýyşa geçendiklerinden…
Öñünden: «Mikrofonlary gözden geçirmek üçin içerik girýändiris, gapydan uzak duruñ we ýere ýatyñ. Aýdylany etmedik ýagdaýyñyzda atylarsyñyz. Boýun egeniñizden biri şobada azatlyga goýberiler» diýip gygyrlypdyr.



Içerden ýuwaşja ses eşdilipdir: «Biz indi azat bolasymyz gelenok». Muny eşden barlagçylar geñ galypdyr. Harby güýçleriñ we barlagçylaryñ arasynda gyzgyn jedel başlapdyr. Mundan has beter nägilelige uçramakdan çekinip, on bäşinji güniñ gije ýarymyndan soñ otagyñ gapysyny açmak makul bilnipdir. Otaga birdenkä arassa howa kürsäp urupdyr we uklatmaýan gaz boşadylypdyr. Mikrofonlar şobada işläp başlapdyr. Üç dürli ses ýalbarmaga başlapdyr: olar daşarda özlerine maşgalasy, hossarlary garaşýandyr öýdüp ýalbarypdyr. Eksperimentleri getirmek üçin otaga esgerleri goýberipdirler. Şoña çenli iñ çirkin ses içerik giren esgerlerden gelipdir. Bäş eksperimentden dördi diri eken, elbetde bu gözgynylyga «diri» diýip bolýan bolsa…
Iýer-içer ýaly zatlara kän elem degrilmän eken. Eksperimentlerden biri ölüpdir. Gasygynda we kükreginde topbak-topbak et üýşüpdir. Otagyñ ortasyndaky kartonyñ üstünde durupdyr, suwuñ geçmeginiñ öñüni alýandygy ücin dört dýuým suwdan dolupdyr. Suwdyr öýdülen suwuklygyñ gandygy şobada bilinmändir. «Halas bolan» dört eskperimentiñ sakallary ösüpdir, derileri ýarym-ýarym bolupdyr. Dyrnaklaryndaky ýarçyklar bu ýaralary barlagçylaryñ pikir edişi ýaly dişleri bilen däl-de, özleriniñ edendigini görkezýärdi… Ýaralaryñ we oýuklaryñ agyrysy hemmesini özleriniñ etmändigine güwä geçýärdi. Biri-birlerine-de topulypdyrlar.

Dört eksperimentiñem garyn boşlugyndaky synalary we gapyrgalary ýok diýen ýalydy. Ýüregiñ, öýkeniñ we diaframyñ ýerine derä we gapyrga bagly bogunlaryñ köpüsi öýken bilen bile döş kapasasynyñ daşyna akypdy. Emma eksperimentleriñ şonda-da içinde «jany» bardy. Dördüsiniñem iýmit siñdiriş sistemasy işleýärsi. Birnäçe gün geçenden soñ ögänlerinde, aslynda iýenleriniñ öz etleridigi ýüze çykdy. Barlagçylaryñ köpüsi sowet howpsuzlyk gullugynyñ işgärleri-de bolsa, biri hem otaga girip eksperimentlere elini degirmäge bogny ysmandyr. Esgerler otagdan çykarylmagy üçin ýalbaryp durkalar otaga gaz goýberilip, uka giderilipdir…
Eskperimentleriñ otagdan çykmajak bolup çyr-çytyr boluşlary hemmeleri haýrana goýupdyr. Esgerleriñ biri bogazyndan ýapyşylyp, duran ýerinde jan beripdir, ýene biri bolsa ýumurtalary goparylandygy we aýagy eksperimentleriñ biriniñ dişländigi üçin ýaralanypdyr. Beýleki bäş esger bolsa, gören zatlaryna çydap bilmän öz janlaryna kast edipdir.



Diri galan dört eksperimentiñ biriniñ dalagy ýarylyp, daşyna ganap başlapdyr. Medisina barlagçylary ony köşeşdirmäge synanyşanam bolsa, bu eýýäm mümkin däldi. Ol adamyñ alyp biljek morfininden has köp morfin alandygyna garamazdan, burça gabalan haýwan ýaly urunypdyr. Ol şonda lukmanyñ goluny we gapyrgasyny döwüpdir. Eksperimentiñ gan aýlanyş sistemasynda gandan has köp howa bolupdyr. Hatda ol ýüregi işlemesini goýansoñam gykylygyny goýman, tegelek üç minutlap özüni

ýumruklapdyr. Hemmelere topulyp «Ýene, ýene ýokmy!» diýip gaýtalap durşuna, barha tapdan gaçypdyr, ýuwaşapdyr, sessizje ýere ýykylyp amanadyny tabşyrypdyr.
Ölmän galan üç eksperiment medisina merkezine äkidilipdir. Sesi bozulman galan iki eksperiment uklaman oturmak üçin has köp gaz goýberilmegini talap edipdir. Eksperimentleriñ synalaryny gaýtadan ýerli-ýerinde oturdanlarynda, eýýäm olatda köşeşdiriji derman-därilere garşy immunitet dörändigi belli bolupdyr.
Eksperimentleriñ biri eli-aýagy mäkäm dañylandygyna garamazdan gazap bilen daş-töweregine hüjüm edipdir. Ahyrynda dört dýuýmlyk gaýyş tanaby ýolmagy başarypdyr. Ol muny şeýdende elini 200 poundlyk esger mäkäm tutup duran eken. Eksperimenti köşeşdirmek üçin kadadan artyk anesteziýa ulanylypdyr. Şondan soñ gözüni ýumupdyr. Ýüregi durupdyr…
Sud-medisina ekspertizasynyñ netijesi ganyñ içindäki kislorod mukdarynyñ bolmalysyndan üç esse köpdügini anyklapdyr. Bogunlar sklete şeýle bir ýapyşypdyr welin, ýerine getirmäge synanyşylanda dokuz süñki döwülipdir.
Ölmän galany bäş adamyñ arasynda ilkinji bolup gygyranydy. Ses ýazgylary ýok edilipdi. Ýalbarmaga ýagdaýy ýokdy, ýeke edip bilýän zady kellesini başly-barat gymyldatmagydy. Bular anesteziýadan dörän netijelerdi. Soñky operasiýada täzeden anesteziýa berildi. Synalaryny ýerleşdirenlerinde alty sagatlap demini çykarman ýatypdyr. Şepagat uýalarynyñ biri eskperimentiñ operasiýa edilip durka birnäçe gezek gülümsirändigini görüpdir. Operasiýa gutarandan soñ eksperiment hüñürdemäge başlapdyr. Lukmanlaryñ biri onuñ möhüm bir zat aýtmagynyñ mümkindigini pikir edip, depder-galam alyp ýanyna süýşüpdir. Eskperimenyiñ agzyndan çykan sözler otagdakylaryñ inini düýrükdiripdir: «Kesmegiñi dowam et».



Beýleki iki eksperimente-de şol bir operasiýany edipdirler. Ikisine-de anesteziýa ýerine olary ysmaz edýän derman berlipdir. Operasiýa etmek mümkin däldi, çünki bu ikisi ýöne gülüp durdular. Gaýtadan geplemäge ýagdaý tapanlarynda oýaryjy gaz talap edýändiklerini aýtdylar. Barlagçylar nämüçin öz içegelerini ýolum-ýolum edendiklerini we gaýtadan gaz berilmegini isleýändiklerini sorapdyr. Ikisi-de «Uklaman oturmak üçin» diýip jogap beripdir.
Diri galan üç eksperimenti mäkäm daňyp, olary näme etmelidiginiň belli kararyna gelinýänçä garaşylýan otaga ugradylypdyr. Serkerde gaýtadan gaz berilende näme boljakdygy bilen gyzyklanypdyr. Barlagçylar muňa garşy çykanam bolsa, olary diňlän bolmandyr.
Otagyň içinde gaýtadan möhürlenmäge taýýarlanan eksperimentler EEG monitoryna baglanypdyr. Garaşylmadyk zat bolsa, olaryň gaýtadan gaz aljakdyklaryny eşdenlerinde urunmagy bes edendikleridi. Eksperimentler özlerini oýa bolmaga mejbur edýän ýalydylar. Biri hüňürdäp geplejegem bolýardy. Beýleki eksperimentler kellesini ýassyga goýman, dowamly gözlerini gyrpmaga synanyşýardy. EEG monitorynda görülen beýin tolkunlary geň galdyryjydy. Habarnamalaryna seredilende, şepagat uýalarynyň biri eksperimentleriň biriniň kellesini ýassyga goýandygyny gördi. Beýin tolkunlary dowamly REM ukusyna girendigini görkezýärdi. Soňra gaýtadan öňki ýagdaýyna

gaýdyp geldi. Gaýdyp gelen basyna-da ýüregi durupdy…
Diri galan soňky ik eksperiment bolsa gaýtadan otaga salnyp möhürlenmek üçin gohlamaga başlapdyr. Olaryň beýin tolkunlary edil uklap ölen eksperimentiňki ýaly bolupdyr. Serkerde iki eksperimenti gaýtadan otaga salmagy buýrupdyr. Ol ýanyndaky üc barlagça muny tabşyrypdyr. Barlagçylaryň biri sapançasyny çekip, serkerdäni atypdyr. Soňra ümsüm duran eksperimenti atyp, beýnisini pytradypdyr. Ýaragy soňky galan eksperimente çenäpdir. Ol:
– Bular ýaly zatlar bilen bir ýerde durup biljek däl! – diýip gygyrypdyr: – Kim sen? Bilesim gelýär!
Eksperiment gülümsiräpdir:
– Şoň ýaly aňsat ýatdan çykardyňmy? Biz siziň özüňiz. Biz siziň içiňizde ýatan däliligiňiz, her pursatda azat bolmaga garaşyp ýatan dyzmaç haýwanlar. Biz siziň düşegiňiziň aşagynda garaşyp ýatanlar…
Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar